# Lapetmeşekler

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Lapetmeşekler LAPETMEŞEKLER



- **BIZIÑ DÜÝÄMIZ**

– Düýe diýip, biziň düýä diýäýseň,
Başy gökde bulutlary bekleýär.
Çaly bilen diňe biziň oba däl,
Hatda goňşy obany hem ekleýär!

– Düýe diýip, biziň düýä diýäýseň,
Ýüňüni ýapynýas, hem eşik geýýäs!
Bir aýlap gyrkybam gutaryp bilmän,
Özümiz surnugyp, özümiz goýýas!

– Düýe diýip, biziň düýä diýäýseň,
Üstünde obamyz ýerleşen depe –
Biziň çöküp ýatan düýämizdir şol,
Gerek wagty göçüp gidýäris, çepe!



- **BIZIŇ HORAZYMYZ**

– Biziň horazymyz horaz dagy däl,
Gygyrsa, owazy gulagňy gapjak!
Ganatyny gerse, saýawan bolup,
Hersi bir obanyň üstüni ýapjak!

– Biziň horazymyz horaz dagy däl,
Münseňem göterjek bedewe derek!
Gaçyp galan ýelegini ýükleseň,
Düýeleriň bili çatlasa gerek!

– Biziň horazymyz horaz dagy däl,
Ynam edeňokmy, çyk-da daşary,

Synla horazmyzyň äpet guýrugyn –
Al-ýaşyl öwüsýän älemgoşary!



• **MENIŇ BIR JÜWIM BAR**

– Meniň bir jüwim bar, gowuja jüwim,
Tapýan ondan ähli iýjek zadymy.
Şonuň üçin göterýärin ýanymda
Ol ullakan azyk skladymy!

– Meniň bir jüwim bar, gowuja jüwim,
Jübüleriň mekdebine gatnaýar.
Tämiz gezýär, mydam "bäşlik" okaýar,
Jübüsine hapa-hupa atmaýar!

– Meniň bir jübim bar, gowuja jübim,
Örän çuň ol, ýöne öwüp ýöremok.
Bir ýyl bäri elim sokýanam bolsam,
Heniz aňyrsyna ýetip göremok!



## • BIZIŇ ÖKÜZIMIZ

– Biziň öküzimiz öküzleň zory,
Burnundan syçran ot tokaýy ýakjak!
Bardy-geldi parowozy döwläýse,
Otlyny emgenmän bir özi çekjek!

– Biziň öküzimiz öküzleň zory,
Suwsan wagty sokga sorjak derýany!
Biz obada şahlarynyň bir ujy,
Siz obada şahlarynyň bir ýany!

– Biziň öküzimiz öküzleň zory,
Zynjyr ýok dünýäde ony baglara!
Bir süsende dinozawry tükgertjek,
Bir süsende çat açdyrjak daglara! Çagalar edebiýaty